# Okuw we türkmen mekdepleri

Category: Kitapcy,Pedagogika we edep-terbiýe
написано kitapcy | 22 января, 2025
Okuw we türkmen mekdepleri OKUW WE TÜRKMEN MEKDEPLERI



Hudaý Tagala dünýäni ýaradandan bäri okuw, ylym, emel we jüre işler gün-günden ileri gidýändir. Her bir işler bir duran ýerinde durman üýtgeşilýändir.
Hemme dünýädäki milletler bir-birinden bilmedik hünär w ylymlaryny ögrenip we ýetmedik zatlaryny ýetirip, her bir işlerde bir-birlerinden ökde we öňe düşmek pikirindedirler. Emma biziň türkmenler pikir etmekni ýagşy görmezler we

aýdarlar ke: »Ertirligi tapan agşam pikirini etse haramdyr» diýip. Özümizden başga milletlerge köňlümiz ýetmez olara gülüp, her birine bir tüýsli at dakarmyz. Emma, doganlar, menden gaty görmäň. »Ýüz gören jennet görmez» diýipdirler. Biz, türkmenler, hiç bir milletçe ýokdurmyz. Olaryň zatlaryndan hemme zatlarymyz asgyndyr. Şol at dakan milletlermiziň her bir işleri bizden öňdedir.
Milletge hemme zatdan iýmekden, içmekden beter gerek zady okuw, ylymdyr. Ylymsyz hiç bir işler ýola gitmez, körlük bilen galar. Bakyň, görüň, her bir üýtgeşik hünär, ylym bolsa okuwly, ylymly padyşahlardan çykar we olaryň döwletleri hemme patyşahlardan zordur.
Alla Tagala Kurany Şerifiniň ilki süresinde aýdypdyr ke: »Ýa Muhammet, oka, bil her bir zatlary!» Şu söz bilen ylym okamak bizge wajypdyr. Emma näjire añsatlyk bilen oglanlarga hat bildirmek bolur! Iş şundadyr.
Biziň türkmen mekdeplerde okuw düzgüni Adam atadan bäri gelşi ýalydyr, hiç üýtgeşen ýeri ýokdur we oglanlar dört-bäş ýyl okap hem hat ýazmakny, okamakny bilmiýäler. Emma täze okadylyşyna görä, oglanlar bir ýyl içinde hem ýazmakny, hem okamakny bilurlar. Öň hiç okamasalar hem, eger oglanlar täze okadylyşyna görä okap, hat bilseler, ondan soňra olarga her tüýsli kitaplarny, Kurany-Şerifni okamak köp añsat bolur.
Täze düzgün bilen okamak köp añsatdyr. Ol sebäpden ke, şol düzgüne görä ýagşy kitaplar çykarandyr mugallym Aliýew we başga adamlar. Şol kitaplar bilen başga milletler aralary(n)da şkollarda okadylýandyr. Emma bizleriñ aramyzda beýle zat ýokdur we oglanlarmyz ertirden agşama çenli yranyp, zehinlerini kör zehin edip, »elip», »biý», »tiý» okap, üç-tört ýylyň içinde hiç bir zat bilmeýän, iki jahanyň arasy bolup, mekdeplerden çykarlar, ýagşy okuw wagty geçirip. Ol sebäpden biziñ türkmenlerden 100 adamdan 10 adam hem okuw bilmeýä.
Birniçe obalarmyzda hat bilýän adam hiç ýokdur we bir ýerden hat gelse, okatmakdan ötri başga obaga gider. Okuwsyzlygymyzdan söwda we her bir haýyr-peýdaly zatlar başga milletleriñ elindedir we her bir işlerde biz aýakdamyz.
Eý doganlar, beýle bolmalyň! Durmalyň bir ýerde garaçy ýaly! Ileri gideli! Şu wagt hem bir wagtdyr. Ýuwaş-ýuwaşdan, enşalla, biz hem ýola tüşüp, il hataryna goşulurmyz! »Gymyldan gyr aşar» diýipdirler. Gep bir ýerden gymyldap üýtgeşmekdedir.
Muhammetguly ATABAÝ ogly.

# »Ruzname-ýi Mawera-ýi Bahr-i Hazar» gazeti, 09.I.1915 ý.
Pedagogika we edep-terbiýe